Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ ÝURDUMYZYŇ ÖZGERTMELER ÝOLY BILEN YNAMLY ÖSÜŞINI ÜPJÜN ETMEK UGRUNDA MUNDAN BEÝLÄK-DE MÖHÜM IŞLERI DURMUŞA GEÇIRERIS.

BERKARAR DÖWLETIŇ TÄZE EÝÝAMYNYŇ GALKYNYŞY: DÖWLET ADAM ÜÇINDIR!

# TÜRKMENISTAN

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

Gündelik gazet. № 259 (31528). 2025-nji ýylyň 30-njy sentýabry. Sişenbe.



HEPDÄNIŇ WAKALARY

## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

# — GARAŞSYZLYK ÄHLI ÖSÜŞLERIMIZIŇ, ÜSTÜNLIKLERIMIZIŇ HEM-DE ABADANÇYLYGYMYZYŇ GÖZBAŞYDYR

***Geçen hepdede Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy giňden bellenildi. Bu baýram mähriban halkymyzyň agzybirliginiň we jebisliginiň, ägirt uly döredijilik kuwwatynyň, Watanymyzyň täze sepgitlere tarap ynamly gadamlarynyň aýdyň nyşany bolan ykbal çözüji waka hökmünde uly ähmiýete eýedir. Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň abraýyny arşa göteren türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlaryny, döwletli tutumlaryny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyz kuwwatly döwlete öwrüldi. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini we hilini ýokarlandyrmak, bäsdeşlige ukyply milli ykdysadyýeti döretmek, eziz Diýarymyzy hemmetaraplaýyn ösdürmek boýunça maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.***

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biz Garaşsyzlygymyzyň we Bitaraplygymyzyň binýadyny has-da pugtalandyryp, ýurdumyzy beýik geljege tarap ynamly öňe alyp barýarys. Şoňa görä-de, ähli ösüşlerimiziň, üstünliklerimiziň hem-de abadançylygymyzyň gözbaşy bolan Garaşsyzlyk gününe beýik baýram hökmünde aýratyn sarpa goýýarys» diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow baýramçylyk mynasybetli halkymyza iberen Gutlagynda belleýär.

27-nji sentýabrda döwlet Baştutanymyz türkmen halkynyň täze taryhynda ägirt uly özgertmeleriň nyşany bolan ajaýyp binalar toplumyna — Garaşsyzlyk binasyna gül goýmak dabarasyna, şeýle-de Döwlet münberi toplumynyň öňündäki meýdançada geçirilen dabaralara gatnaşdy.

Ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralaryna soňky ýyllarda gelip gowşan häzirki zaman harby tehnikalarynyň gözden geçirilişi Ýaragly Güýçlerimiziň goranyş ukybynyň ýokary derejesini, söweşjeň taýýarlygyny görkezýär. Ajaýyp ahalteke bedewleri dabaranyň hakyky bezegine öwrüldi. Hormatly Prezidentimize Hökümet agzalarynyň adyndan türkmen halkynyň abadançylygy hem-de bagtyýarlygy, Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda edýän yzygiderli aladasy üçin tüýs ýürekden hoşallygyň nyşany hökmünde Zaman atly akýal mele reňkli ajaýyp bedew sowgat berildi.

Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary Garaşsyzlyk baýramyna öz zähmet ýeňişleri bilen geldi. Dabaraly ýörişe ýurdumyzyň bäş welaýatynyň wekiliýetleri, dürli pudaklaryň we edaralaryň wekilleri, türgenler, medeniýet işgärleri gatnaşdylar. Häzirki zaman telekommunikasiýa we internet serişdeleriniň mümkinçilikleri arkaly dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaşaýan köp sanly watandaşlarymyz we beýleki döwletleriň ýaşaýjylary türkmenistanlylaryň baýramçylyk şatlygyny göni ýaýlymda paýlaşmaga mümkinçilik aldylar.

Özbaşdak türkmen döwletiniň döràndigini alamatlandyrýan baş baýramymyza bagyşlanyp, paýtagtymyzdaky Mejlisler merkezinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda medeniýet we sungat ussatlarynyň konserti geçirildi. Konsertiň maksatnamasy türkmen halkynyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmegiň bähbidine Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda gazanylan ösüşleri şöhlelendirýän köpöwüşginli we ilkinji gezek ýerine ýetirilýän çykyşlar bilen tapawutlandy.

Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedowyň gol çeken resminamalaryna laýyklykda, ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň harby gullukçylaryna hem-de işgärlerine döwlet sylaglaryny gowşurmak, olara harby we ýörite atlary dakmak, hünär derejelerini bermek dabarasy geçirildi.

28-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Garaşsyz döwletimiziň baş baýramy mynasybetli döwrebaplaşdyrylan Aşgabat atçylyk sport toplumynda guralan baýramçylyk dabaralaryna gatnaşdy. Toplumyň çäginde meşhur ahalteke bedewlerine bagyşlanan şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň sergisi, medeniýet, sungat ussatlarynyň aýdym-sazly çykyşlary ýaýbaňlandyryldy.

Ahalteke bedewleri dürli aralyklara çapyşyklaryň 7-sinde ýyndamlygyny, çalasynlygyny, güýç-kuwwatyny we çydamlylygyny görkezdiler. 2 müň 200 metr aralyga geçirilen jemleýji, ýedinji çapyşykda Türkmenistanyň Prezidentiniň Baş baýragyny almak ugrunda çekeleşikli bäsleşik boldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna degişli Bezirgen atly akýal mele at pellehanadan ilkinji bolup geçmegi başardy. Onuň çapyksuwary ussat çapyksuwar B.Agamyradow.

Baýramçylyk at çapyşygynyň geçirilen pursatlarynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli dabaralara gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen «Toyo Engineering Corporation» ýapon kompaniýasynyň prezidenti, baş ýerine ýetiriji direktory, wekilçilik müdiri Eiji Hosoini kabul etdi. Duşuşygyň dowamynda nebitgaz, himiýa pudaklarynda netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň mümkinçilikleri, dürli ugurlarda gatnaşyklary giňeltmegiň ileri tutulýan ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.

Döwlet Baştutanymyz baýramçylyk dabaralaryna gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen «IGNFI» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Oliwýe Delumony hem kabul etdi. Duşuşykda oba hojalyk pudagyny sanlylaşdyrmagyň, takyk ekerançylyk we agronomiýanyň durnukly usullary ýaly innowasion tejribeleri ornaşdyrmagyň esasynda bu pudakda özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmagyň meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna döwlet Baştutanlaryndan, abraýly halkara guramalaryň ýolbaşçylaryndan hem-de jemgyýetçilik wekillerinden köp sanly gutlag hatlary gelip gowuşýar. Olarda syýasy, ykdysady, durmuş ulgamlarynda uly üstünlikleri gazanmaga mümkinçilik beren ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň Watanymyzyň dünýädäki abraýynyň has-da belende göterilmegine ýardam edýändigi bellenilýär.

Türkmenistanyň döwletleriň arasynda parahatçylygy we ynanyşmagy berkitmäge gönükdirilen başlangyçlary halkara bileleşikde giň goldawa eýe bolýar. Ýurdumyz gapma-garşylyklaryň öňüni almaga, dialogy goldamaga gönükdirilen başlangyçlary işjeň ilerledýär. Bu ugurdaky tagallalar Türkmenistanyň BMG-niň ýörelgelerine ygrarlydygyny, ähli umumy meseleleri çözmekde bu guramanyň ygtybarly hyzmatdaşy hökmünde çykyş edýändigini görkezýär. 23-nji sentýabrda Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň ýokary derejeli plenar mejlisiniň ilkinji gününe gatnaşdy we çykyş etdi.

(Dowamy 2-nji sahypada).

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Siziň Alyhezretiňiz!***

Sizi Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni bilen gutlaýaryn.

Geçen ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen çözgütler köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy, parahatçylygy, durnukly ösüşi pugtalandyrmaga we hemmeler üçin adam hukuklaryny üpjün etmäge gönükdirilendir.

Bu şanly günde Türkmenistanyň halkyna nobatdaky gezek iň gowy arzuwlarymy beýan etmäge rugsat ediň! Siziň Alyhezretiňize belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Antoniu GUTERRIŞ,***
***Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Hormatly Serdar Gurbangulyýewiç!***

Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň adyndan we hut öz adymdan Sizi Türkmenistanyň milli baýramy — Garaşsyzlyk güni bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

Russiýany we Türkmenistany dostluk hem-de strategik gatnaşyklar baglanyşdyrýar. Ýokary derejede kabul edilen çözgütleri durmuşa geçirmek ugrunda söwda-ykdysady, maýa goýum, ylmy-tehniki, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk giňeldilýär, dürli ugurlarda bilelikdäki iri taslamalar amala aşyrylýar. Hökümet ugry boýunça gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmeginiň geljegi uly täze başlangyçlary ilerletmäge ýardam berjekdigine ynanýaryn. Munuň özi Russiýa Federasiýasynyň we Türkmenistanyň bähbitlerine doly laýyk gelýär.

Hormatly Serdar Gurbangulyýewiç, Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, jogapkärli döwlet işiňizde uly üstünlikleri, Türkmenistanyň halkyna bolsa abadançylyk we rowaçlyk arzuw edýärin!

***Mihail MIŞUSTIN,***
***Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygy.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Hormatly jenap Prezident!***

Ýurduňyzyň milli baýramy — Garaşsyzlyk güni mynasybetli Siziň Alyhezretiňize mähirli gutlaglarymy we iň gowy arzuwlarymy beýan etmek meniň üçin uly mertebedir. Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, Türkmenistanyň doganlyk halkyna we Hökümetine mundan beýläk-de gülläp ösüş, rowaçlyk arzuw edýärin.

Siziň Alyhezretiňiz, Size belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Mohammed bin Salman bin Abdelaziz AL SAUD,***
***Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli Siziň Alyhezretiňize tüýs ýürekden gutlaglarymy we iň gowy arzuwlarymy beýan etmek meniň üçin uly hormatdyr. Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, Türkmenistanyň dostlukly halkyna we Hökümetine bolsa geljekde-de ösüş we rowaçlyk arzuw edýärin.

Siziň Alyhezretiňize belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Şeýh Mohammed bin Raşid AL MAKTUM,***
***Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministri, Dubaýyň häkimi.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Hormatly jenap Prezident!***

Size we Türkmenistanyň ähli raýatlaryna ýurduňyzyň milli baýramy — Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglarymy beýan etmäge rugsat ediň!

Wengriýa bilen Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklar özara hormat goýmaga esaslanýar. Ýurtlarymyzyň arasyndaky ýokary derejeli syýasy dialogyň Türkmenistanyň Merkezi Aziýada Wengriýanyň möhüm hyzmatdaşy bolmagyna ýardam edendigine şatdyryn. Wengriýanyň Hökümetiniň geljekde hem Türkmenistan bilen köpugurly gatnaşyklary ösdürmek ugrunda işlemegini dowam etdirjekdigine Sizi ynandyrýaryn.

Size berk jan saglyk, jogapkärli döwlet işiňizde üstünlikleri arzuw edýärin.

***Wiktor ORBAN,***
***Wengriýanyň Premýer-ministri.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Hormatly Serdar Gurbangulyýewiç!***

Sizi Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistan durmuş-ykdysady, syýasy ulgamlarda uly üstünlikleri gazandy, döwlet berkararlygyny we halkara abraýyny pugtalandyrdy.

Häzirki wagtda Gazagystan bilen Türkmenistanyň arasynda syýasy, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklar okgunly ösdürilýär. Doganlyk Türkmenistana mundan beýläk-de ösüş arzuw edýärin. Türkmen halkynyň öz öňünde goýan belent maksatlaryna ýetjekdigine berk ynanýaryn.

Hormatly Serdar Gurbangulyýewiç, pursatdan peýdalanyp, Size jogapkärli döwlet işiňizde üstünlikleri, Türkmenistanyň halkyna bolsa parahatçylyk we abadançylyk arzuw edýärin!

Tüýs ýürekden hormatlamak bilen,

***Olžas BEKTENOW,***
***Gazagystan Respublikasynyň Premýer-ministri.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Hormatly jenap Prezident!***

Malaýziýanyň Hökümetiniň we halkynyň adyndan Siziň Alyhezretiňize hem-de Türkmenistanyň halkyna ýurduňyzyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglarymy beýan edýärin.

Siziň öňdengörüjilikli syýasatyňyz netijesinde iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklar barha berkidilýär. Siziň geçen ýylyň dekabrynda Malaýziýa amala aşyran saparyňyz özara hyzmatdaşlygyň giňeldilýändigine hem-de geljekde uly mümkinçilikleriň açyljakdygyna şaýatlyk etdi. Biziň ýurdumyz Türkmenistan bilen halklarymyzyň bähbidine dürli ulgamlarda hyzmatdaşlygy giňeltmäge ygrarlydyr.

Siziň Alyhezretiňize belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Anwar IBRAHIM,***
***Malaýziýanyň Premýer-ministri.***



# BITARAP, GARAŞSYZ TOPRAGYŇ NURDUR,

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Siziň Alyhezretiňiz!***

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli Sizi we ähli türkmen halkyny Kambojanyň Hökümetiniň we halkynyň adyndan tüýs ýürekden gutlaýaryn.

Kambojada Türkmenistan bilen ýola goýlan dostlukly gatnaşyklara ýokary baha berilýär. Ýurtlarymyzyň arasyndaky yzygiderli hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň özara bähbitli boljakdygyna, halklarymyzyň abadançylygyna hyzmat etjekdigine hem-de mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynanýaryn.

Hormatly jenap Prezident, Size belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy hem-de berk jan saglyk, ähli asylly başlangyçlaryňyzda uly üstünlikler gazanmagyňyz baradaky arzuwlarymy kabul ediň!

***Hun MANET,***
***Kambojanyň Premýer-ministri.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Hormatly Serdar Gurbangulyýewiç!***

Nepalyň Hökümetiniň we halkynyň adyndan, şeýle hem hut öz adymdan Siziň Alyhezretiňize we ýurduňyzyň halkyna Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglarymyzy beýan edýärin. Siziň Alyhezretiňize berk jan saglyk, bagtyýarlyk, Türkmenistanyň halkyna bolsa ösüş hem-de abadançylyk arzuw edýärin.

Ýurtlarymyzyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna berk ynanýaryn.

***Suşila KARKI,***
***Nepalyň Premýer-ministri.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Hormatly jenap Prezident!***

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglarymy kabul ediň!

Ýurtlarymyzyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklaryň we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň gyzyklanma bildirilýän ähli ulgamlarda mundan beýläk-de ösdüriljekdigine berk ynanýaryn.

Siziň Alyhezretiňize we Türkmenistanyň halkyna üstünlik hem-de abadançylyk arzuw edýärin.

***Petr FIALA,***
***Çehiýa Respublikasynyň***
***Premýer-ministri.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglarymy we iň gowy arzuwlarymy beýan etmäge şatdyryn. Beýik Biribardan Siziň Alyhezretiňize berk jan saglyk, bagtyýarlyk, Türkmenistanyň Hökümetine we doganlyk halkyna bolsa parahatçylyk, berkararlyk, mundan beýläk-de gülläp ösüş eçilmegini dileýärin.

Siziň Alyhezretiňiz, Size belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Turki bin Mohammed bin Fahad bin ABDUL-AZIZ,***
***Saud Arabystany Patyşalygynyň döwlet ministri,***
***Ministrler Kabinetiniň agzasy.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli Siziň Alyhezretiňize tüýs ýürekden gutlaglarymy we iň gowy arzuwlarymy beýan etmek hormatyna eýedirin. Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, Türkmenistanyň dostlukly halkyna we Hökümetine bolsa geljekde-de ösüş we rowaçlyk arzuw edýärin.

Siziň Alyhezretiňiz, Size belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Şeýh Mansur bin Zaýed AL NAHAÝÝAN,***
***Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti,***
***Premýer-ministriniň orunbasary,***
***Prezidentiň iş dolandyryş ministri.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Siziň Alyhezretiňiz!***

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk baýramy mynasybetli Size hem-de doganlyk türkmen halkyna tüýs ýürekden gutlaglarymy beýan edýärin. Biz Garaşsyzlyk ýyllarynda doganlyk türkmen halkynyň tutanýerli zähmeti hem-de Siziň öňdengörüjilikli döwlet syýasatyňyz netijesinde Türkmenistanyň ýeten belent sepgitlerine buýsanjymyzy beýan edýäris.

Pursatdan peýdalanyp, Siziň Alyhezretiňize berk jan saglyk, bagtyýarlyk, uzak ömür, Türkmenistanyň döwlet Baştutany hökmünde belent wezipäňizde uly üstünlikleri, türkmen halkyna bolsa abadançylyk hem-de rowaçlyk arzuw edýärin.

Siziň Alyhezretiňize belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

Siziň doganyňyz,

***Faýsal bin Naser bin Hamad AL TANI,***
***Katar Döwletiniň Şeýhler maşgalasynyň agzasy.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Hormatly Serdar Gurbangulyýewiç!***

Size belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy hem-de Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli gutlaglarymy kabul ediň! Bu baýram öz Watanyny söýýän, onuň köpasyrlyk taryhyna we däp-dessurlaryna sarpa goýýan, röwşen geljek ugrunda tutanýerli zähmet çekýän Türkmenistanyň ähli raýatlaryny has-da jebisleşdirýär.

Şanly sene mynasybetli Size we Türkmenistanyň ähli halkyna berk jan saglyk, bagtyýarlyk, abadançylyk, türkmen döwletiniň okgunly ösüşiniň bähbidine döredijilikli zähmetiňizde täze belent sepgitlere ýetmegiňizi arzuw edýärin.

Türkmenistan hyzmatdaşlygyň ähli ugurlary boýunça hemişe Russiýa Federasiýasynyň strategik hyzmatdaşy bolmagynda galýar. Astrahan oblasty bilen Türkmenistanyň arasynda ýola goýlan dostlukly gatnaşyklara ýokary baha berýärin hem-de biziň sebitimiz bilen köpugurly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga ýardam berýändigiňiz üçin Size hoşallyk bildirýärin.

***Igor BABUŞKIN,***
***Russiýa Federasiýasynyň***
***Astrahan oblastynyň gubernatory.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Siziň Alyhezretiňiz!***

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk baýramy mynasybetli Size tüýs ýürekden gutlaglarymy we iň gowy arzuwlarymy beýan etmäge şatdyryn. Goý, bu şanly sene Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Türkmenistanyň halkyna ösüş, abadançylyk we rowaçlyk getirsin! Şeýle hem bu baýramçylyk Türkmenistanyň Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň çäklerinde eýeleýän möhüm ornuny nygtamaga mümkinçilik berýär. Bu gurama oňa agza döwletleriň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygyň we goşulyşmagyň çuňlaşdyrylmagy boýunça umumy wezipämize uly goşant goşýar.

Biz Siziň geljekde-de sebit hyzmatdaşlygyny hem-de Durnukly ösüş maksatlaryny ilerletmäge goldaw berjekdigiňize umyt edýäris.

Siziň Alyhezretiňize belent hormat goýýandygym baradaky ynandyrmalarymy kabul ediň!

***Asad Majid HAN,***
***Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň***
***Baş sekretary.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Hormatly Serdar Gurbangulyýewiç!***

Sizi ýurduňyzyň baş baýramy — Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni bilen gutlaýaryn. Bu gün Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurduňyzyň durmuş-ykdysady ösüşinde uly üstünlikleri gazanandygyny bellemek aýratyn ýakymlydyr. Türkmenistanyň Ýewraziýa ykdysady bileleşiginiň ýurtlary bilen dialogy işjeň ösdürilýär.

Ýewraziýa ykdysady komissiýasynyň adyndan we hut öz adymdan Size berk jan saglyk, rowaçlyk, Türkmenistana bolsa abadançylyk arzuw edýärin.

***Bakytžan SAGINTAÝEW,***
***Ýewraziýa ykdysady komissiýasynyň***
***kollegiýasynyň başlygy.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

***Siziň Alyhezretiňiz!***

Garaşsyzlyk güni mynasybetli Siziň Alyhezretiňize we Türkmenistanyň halkyna tüýs ýürekden gutlaglarymy beýan etmek meniň üçin uly hormatdyr. Türkmenistanyň özara hormat goýmak, netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan yzygiderli daşary syýasaty halkara giňişlikde nusgalyk häsiýete eýedir. Ýurduňyzyň parahatçylygy, durnuklylygy we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen başlangyçlary diňe bir Türkmenistanyň halkyna däl, eýsem, tutuş dünýä jemgyýetçiligine hem uly peýda getirýär.

Türki Döwletleriň Guramasy we oňa agza döwletler özara gyzyklanma bildirilýän ähli ulgamlarda Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga ygrarlydyr. Biz bilelikde türki dünýäde hem-de onuň çäkleriniň daşynda bitewülik, durnukly ösüş, ählumumy abadançylyk baradaky umumy garaýyşlarymyzy ilerletmegi dowam etdireris.

Siziň Alyhezretiňize we Türkmenistanyň halkyna mundan beýläk-de üstünlik hem-de rowaçlyk baradaky tüýs ýürekden arzuwlarymy kabul etmegiňizi haýyş edýärin. Goý, geljek Size uly üstünlikleri getirsin! Çünki Siziň ýurduňyz parahatçylyga we diplomatiýa ygrarlylygy bilen tutuş dünýäni ruhlandyrmagyny dowam etdirýär.

Hormatlamak bilen,

***Kubanyçbek OMURALIÝEW,***
***Türki Döwletleriniň Guramasynyň***
***Baş sekretary.***

---

### Onuň Alyhezreti, Türkmenistanyň Prezidenti jenap Serdar BERDIMUHAMEDOWA

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli mähirli gutlaglarymy ibermäge şatdyryn. Beýik Biribardan türkmen halkyna parahatçylyk we rowaçlyk dileýärin.

***LEO XIV,***
***Rim Papasy.***

---

HEPDÄNIŇ WAKALARY

## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

# — GARAŞSYZLYK ÄHLI ÖSÜŞLERIMIZIŇ, ÜSTÜNLIKLERIMIZIŇ HEM-DE ABADANÇYLYGYMYZYŇ GÖZBAŞYDYR

(Başlangyjy 1-nji sahypada).

Döwlet Baştutanymyz Baş Assambleýanyň belent münberinden çykyş edip, sebit we halkara ähmiýetli meseleler boýunça netijeli çözgütleri öz içine alýan Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlaryny beýan etdi. Hormatly Prezidentimiz dünýäniň häzirki ýagdaýynyň, syýasy, ykdysady, durmuş prosesleriniň häsiýetiniň we meýilleriniň döwletlerden hem-de halkara guramalardan esasy umumy maksady gazanmagyň — parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň, mundan beýläk-de okgunly ösüş üçin şertleri döretmegiň, häzirki zaman dünýä gurluşynyň binýadynda goýlan hukuk esaslaryny gorap saklamagyň bähbidine utgaşykly hyzmatdaşlygy talap edýändigini belläp, Türkmenistanyň 80-nji sessiýanyň esasy wezipelerine hut şu nukdaýnazardan seredýändigini we berk deňagramly hem-de howpsuz dünýä arhitekturasyny döretmekde oňa uly umyt baglaýandygyny nygtady. Şunuň bilen baglylykda, ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek, durnukly ösüş, ekologiýa howpsuzlygy, köptaraplaýyn ynsanperwer we halkara hukuk hyzmatdaşlygyny ösdürmek ýaly ugurlar boýunça anyk teklipler öňe sürüldi. Hususan-da, Parahatçylyk we ynanyşmak medeniýeti meseleleri boýunça bütindünýä sammitini geçirmek, bu sammitiň netijesinde Halkara ynanyşmak kodeksini işläp düzmek boýunça başlangyçlar beýan edildi. Şeýle-de 2026 — 2035-nji ýyllar üçin «BMG-niň Durnukly ulag boýunça onýyllygyny» yglan etmek, «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamalaryň taslamalary teklip edildi.

Döwlet Baştutanymyzyň ekologiýa ulgamyndaky başlangyçlarynyň halkara jemgyýetçilik tarapyndan giňden goldanylýandygy nazara alnyp we Durnukly ösüş maksatlarynyň milli hem-de sebit derejesinde ýerine ýetirilişine goşant goşmak maksady bilen, ýurdumyzda 2026-njy ýylda ikinji Hazar ekologiýa forumyny geçirmek teklip edildi. Munuň özi Merkezi Aziýada çölleşmä garşy göreşmek boýunça sebit merkezini döretmäge hem-de Hazar ekologik başlangyjyny iş ýüzünde amala aşyrmaga itergi berer. Köpdilli diplomatiýanyň halkara gününi yglan etmek hakynda Kararnamany kabul etmek teklibi köptaraplaýyn ynsanperwer hyzmatdaşlygy berkitmäge, medeniýetara dialogy ösdürmäge hem-de özara ynanyşmagy pugtalandyrmaga gönükdirilendir. Halkara hukuk ugrundaky hyzmatdaşlyk barada aýdylanda, döwletleriň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän halkara kadalaryň, şol sanda BMG-niň Tertipnamasynyň ähmiýetine ünsi çekmek bilen, Türkmenistan 2028-nji ýyly «Halkara hukugyň ýyly» diýip yglan etmegi teklip edýär.




Saparyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Milletler Guramasynyň Baş sekretary Antoniu Guterriş, Eswatininiň Patyşasy Mswati III, Kuweýt Döwletiniň Mirasdüşer Şazadasy Şeýh Sabah Al-Halid Al-Sabah, Ýewropa döwletleriniň Baştutanlary — Portugaliýa Respublikasynyň Prezidenti Marselo Rebelo de Souza, Awstriýa Respublikasynyň Federal Prezidenti Aleksandr Wan der Bellen, Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Prezidenti Karin Keller-Zutter bilen duşuşdy. Duşuşyklaryň dowamynda netijeli döwletara gatnaşyklaryň ösdürilmegine özara gyzyklanma bildirildi we hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy. Döwlet Baştutanymyz söhbetdeşlerini Türkmenistanyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi we ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli 12-nji dekabrda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşmaga çagyrdy.

Mälim bolşy ýaly, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş sapary hormatly Prezidentimiziň doglan gününe gabat geldi. Bu waka mynasybetli Arkadagly Gahryman Serdarymyzy köp sanly döwlet Baştutanlary — Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin, Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygy Si Szinpin, Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan, Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Li Çže Mýon, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Ilham Aliýew, Belarus Respublikasynyň Prezidenti Aleksandr Lukaşenko, Ermenistan Respublikasynyň Prezidenti Waagn Haçaturýan hem-de beýleki syýasy we jemgyýetçilik wekilleri mähirli gutladylar. Gutlaglary iberenler ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösdürilmeginde hormatly Prezidentimiziň şahsy goşandyny bellediler we hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de pugtalandyryljakdygyna ynam bildirdiler.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz hem döwlet Baştutanymyzy Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk toýunyň baýram edilýän günlerinde bellenilen doglan güni mynasybetli türkmen halkynyň hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň adyndan tüýs ýürekden gutlady.

(Dowamy 3-nji sahypada).

---

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWYŇ ADYNA MÄHIRLI GUTLAGLAR

***Hormatly Prezidentimiziň adyna Watanymyzyň Garaşsyzlyk güni mynasybetli gutlag hatlarynyň we telegrammalaryň gelip gowuşmagy dowam edýär. Gutlag hatlarynda döwlet Baştutanymyzyň täzeçil syýasaty, egsilmez güýç-kuwwaty netijesinde ildeşlerimiziň ýurdumyzyň Garaşsyzlyk baýramyny uly üstünlikler bilen garşylandyklary nygtalýar. Hatlary we telegrammalary iberenler hormatly Prezidentimizi şanly baýram bilen gutlap, tüýs ýürekden berk jan saglyk, uzak ömür, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň abadançylygynyň bähbidine alyp barýan köpugurly işinde mundan beýläk-de rowaçlyklary arzuw edýärler.***

Döwlet Baştutanymyza medeniýet ulgamynyň işgärleriniň adyndan B.Seýidowa, A.Şamyradow, M.Rejepow, M.Çaryýew, M.Gazakbaýew iň gowy arzuwlaryny iberdiler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy bilen Suw hojalygy baradaky döwlet komitetiniň başlygy D.Genjiýew, «Türkmenpagta» döwlet konserniniň başlygy D.Süleýmanow, «Türkmenobahyzmat» döwlet birleşiginiň başlygy N.Berdiniýazow, «Türkmengallaönümleri» döwlet birleşiginiň başlygy M.Öwezliýew, Türkmenistanyň Azyk senagaty döwlet birleşiginiň başlygy B.Ataýew, Maldarçylyk we guşçulyk senagaty döwlet birleşiginiň başlygy G.Ataýew, «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň baş direktory A.Berdiýew tüýs ýürekden gutladylar.

Garaşsyzlyk güni mynasybetli döwlet Baştutanymyzy «Wozroždeniýe» kompaniýasynyň ýolbaşçysy I.Bukato, «Thales Alenia Space» kompaniýasynyň prezidenti we Baş direktory Paskal Suriz, «Altkom» maliýe-senagat toparynyň direktorlar geňeşiniň başlygy A.Tislenko, «Interbudmontaž» gurluşyk assosiasiýasynyň müdiriýetiniň başlygy W.Petruk, «Ýug-Neftegaz Private Limited» kompaniýasynyň direktory I.Burkinskiý, «Engin Group Consorcium» kompaniýalar toparynyň ýolbaşçysy Engin Kale, «Polimeks Inşaat A.Ş.» türk firmasynyň müdiriýetiniň başlygy Erol Tabanja, «Kawasaki Heavy Industries, Ltd» kompaniýasynyň ýerine ýetiriji direktory Kenji Sanada, «John Deere» kompaniýasynyň GDA döwletleri boýunça wise-prezidenti Piter Zakse, «PETRONAS» kompaniýalar toparynyň prezidenti we Baş ýerine ýetiriji direktory Tengku Muhammad Taufik, «IGNFI» kompaniýasynyň Baş direktory Oreli Mildrogez gutladylar.

Döwlet Baştutanymyza Türkmenistanyň Hytaý Halk Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi P.Durdyýew, Türkmenistanyň Ýaponiýadaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi A.Baýramow, Türkmenistanyň Koreýa Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi B.Durdyýew, Türkmenistanyň Türkiýe Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi M.Işangulyýew, Türkmenistanyň Saud Arabystany Patyşalygyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi O.Çaryýew, Türkmenistanyň Birleşen Arap Emirliklerindäki Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi S.Garajaýew, Türkmenistanyň Katar Döwletindäki Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi M.Seýitmämmedow, Türkmenistanyň Hindistan Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ş.Geldynazarow, Türkmenistanyň Malaýziýadaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi M.Maşalow, Türkmenistanyň Pakistan Yslam Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi A.Möwlamow, Türkmenistanyň Owganystandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi H.Öwezow, Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Y.Gaýypow, Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasyndaky (Maşat şäheri) baş konsuly G.Ataýew, Türkmenistanyň Türkiýe Respublikasyndaky (Stambul şäheri) baş konsuly Ö.Jumanazarow, Türkmenistanyň Birleşen Arap Emirliklerindäki (Dubaý şäheri) baş konsuly Y.Amanow, Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasyndaky (Kazan şäheri) baş konsuly G.Garaýew, Türkmenistanyň Russiýa Federasiýasyndaky (Astrahan şäheri) konsuly G.Ilamanow, Türkmenistanyň Owganystandaky (Mazari-Şarif şäheri) baş konsuly B.Kabaýew, Türkmenistanyň Owganystandaky (Hyrat şäheri) baş konsuly B.Ýolow, Türkmenistanyň Gazagystan Respublikasyndaky (Aktau şäheri) konsuly M.Abdyllaýew, Türkmenistanyň Germaniýa Federatiw Respublikasyndaky (Maýn boýundaky Frankfurt şäheri) konsuly M.Özbekbaýew iň gowy arzuwlaryny iberdiler.

Hormatly Prezidentimizi Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy bilen «Türkmenistan» gazetiniň baş redaktory K.Rejebow, «Neýtralnyý Turkmenistan» gazetiniň baş redaktory M.Alimowa, «Adalat» gazetiniň baş redaktory M.Nuryýew, «Edebiýat we sungat» gazetiniň baş redaktory O.Allaberdiýewa, «Mugallymlar gazeti» gazetiniň baş redaktory S.Nurberdiýew, «Aşgabat» gazetiniň baş redaktory A.Mämmedow, «Türkmen dünýäsi» gazetiniň baş redaktory B.Myradow, «Arkadag» gazetiniň baş redaktory G.Mämiýew, «Watan» gazetiniň baş redaktory T.Kakaýewa, «Nesil» gazetiniň baş redaktory A.Hojaberdiýew, «Esger» gazetiniň baş redaktory S.Myradow, «Bereketli toprak» gazetiniň baş redaktory G.Amangeldiýew, «Diýar» žurnalynyň baş redaktory J.Toryýewa, «Dünýä edebiýaty» žurnalynyň baş redaktory R.Gylyjow, «Garagum» žurnalynyň baş redaktory S.Şaýymow, «Zenan kalby» žurnalynyň baş redaktory M.Taýjykowa, «Güneş» žurnalynyň baş redaktory G.Babaýewa, Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň başlygy B.Nurberdiýew, Metbugat merkeziniň başlygy G.Amanow, Türkmenistanyň Suratkeşler birleşiginiň başlygy Ç.Ýazmyradow tüýs ýürekden gutladylar.

***(TDH)***

# BAÝDAGYŇ BELENTDIR DÜNÝÄŇ ÖŇÜNDE!

HEPDÄNIŇ WAKALARY

## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:

# — GARAŞSYZLYK ÄHLI ÖSÜŞLERIMIZIŇ, ÜSTÜNLIKLERIMIZIŇ HEM-DE ABADANÇYLYGYMYZYŇ GÖZBAŞYDYR

(Başlangyjy 1-2-nji sahypalarda).

22-nji sentýabrda Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde «Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belent maksatlarynyň aýdyň ýollary» atly aýdym-sazly dabara geçirildi. Ol hormatly Prezidentimiziň doglan gününiň nurana senesini hem-de täze taryhy döwürde ýurdumyzyň gazanýan üstünliklerini dabaralandyrdy.

25-nji sentýabrda döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzyň durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi. Şolaryň hatarynda milli kanunçylygy döwrebaplaşdyrmak, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-wenger toparynyň nobatdaky mejlisine görülýän taýýarlyk işleri, nebitiň we tebigy gazyň gözlegi boýunça geologiýa işleriniň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, ýurdumyzyň raýat awiasiýasy pudagy üçin halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamak, oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmek bilen baglanyşykly meseleler bar. Mejlisiň dowamynda oktýabr aýynda geçiriljek esasy çäreleriň Tertibi barada hasabat berildi. Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiziň garamagyna 2026-njy ýylda geçirilmegi teklip edilýän sergileriň, ýarmarkalaryň, maslahatlaryň we festiwallaryň sanawynyň taslamasy hödürlenildi.

Döwlet Baştutanymyzyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasyna gatnaşmagynyň netijeleri mejlisde ara alnyp maslahatlaşylan möhüm meseleleriň biri boldy. Onda Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy üpjün etmek babatda ileri tutýan garaýyşlary beýan edildi, dürli ugurlar boýunça başlangyçlary öňe sürüldi.

Mejlisde hormatly Prezidentimiz birnäçe resminamalara gol çekdi. Şolaryň hatarynda iş kesilenleriň Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramy mynasybetli günäsini geçmek hakynda Perman, daşary ýurt raýatlarynyň bir toparyna Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamalary bermek hakynda hem-de Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-wenger toparynyň türkmen böleginiň düzümini tassyklamak hakynda Kararlar bar.

26-njy sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllygy mynasybetli dabaralara gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen «Buig» kompaniýalar toparynyň ýolbaşçysy Marten Buigi kabul etdi. Duşuşyga «Buig» kompaniýasynyň Baş direktorynyň orunbasary Edward Buig, dolandyryjylar geňeşiniň agzasy William Buig, «Buig Batiman International» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Pýer-Erik Sen-Andre hem gatnaşdylar. Duşuşygyň dowamynda ýola goýlan netijeli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow, «Buig», «Rönesans Holding», «Çalyk Holding» kompaniýalarynyň ýolbaşçylary bilen geçiren duşuşyklarynda işewür hyzmatdaşlaryň Türkmenistanda iri ykdysady taslamalary durmuşa geçirmäge gatnaşmaklaryny has-da ilerletmek bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 34 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Aşgabat atçylyk sport toplumyna bardy we toplumyň döwrebaplaşdyrylyşy bilen tanyşdy. Bu ýerde baýramçylyk dabaralaryny guramaçylykly, at çapyşyklaryny ýokary derejede geçirmek göz öňünde tutulýar. Gahryman Arkadagymyz toplumyň ekologik ýagdaýyna, bu ýerde bedewlerdir çapyksuwarlar üçin bolşy ýaly, dabaralara gatnaşjak köp sanly myhmanlar, janköýerler üçin hem ähli zerur şertleriň döredilmelidigine ünsi çekdi we toplumyň ýörite meýdançasynda Hanbeg atly bedewe atlanyp, aýlawyň çäginde gezim etdi hem-de çapuw ýodasynyň, oňa düşelen çäganiň ýagdaýy bilen gyzyklandy. Bellenilişi ýaly, çapuw ýodalary milli atşynaslyk ýörelgeleri we köpýyllyk tejribe esasynda döwrebaplaşdyrylmalydyr, ýokary halkara kadalara laýyk gelmelidir.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumyna bardy. Gahryman Arkadagymyz toplumdaky işleriň ýagdaýy bilen gyzyklanyp, bu ýerde bedewler, atbakarlaryň netijeli işiniň üpjün edilmegi üçin ähli zerur şertleriň döredilmelidigine, şol bir wagtyň özünde behişdi bedewleriň şöhratly taryhynyň häzirki döwrüň ruhuna kybap derejede dowam etdirilmegine mynasyp goşant goşýan atşynaslaryň zähmetiniň höweslendirilmelidigine ünsi çekdi.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygyna eýe bolmagynyň 34 ýyllygynyň giňden baýram edilmegine beslenen geçen hepdäniň wakalary hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň belent ynsanperwerlik ýörelgelerini, adamkärçilik we hoşniýetlilik taglymlaryny, saýlap alan parahatçylyk, döredijilik, ösüş ýoluna ygrarly ýurdumyzyň syýasy we ykdysady durnuklylygyny pugtalandyrmaga, halkymyzyň durmuş derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmaga gönükdirilen toplumlaýyn strategiýasynyň netijeli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň beýany boldy.

***(TDH)***




# HAKYKY DOSTLARYŇ MEÝDANÇASY

***Her bir halkyň taryhynda ykbal çözüji möhüm wakalar, belli seneler bolýar. 27-nji sentýabrda türkmen halky özygtyýarlylygyny we döwlet berkararlygyny alamatlandyrýan baş baýramyny — Garaşsyzlyk gününi uludan belledi. 1-nji oktýabrda bolsa dostlukly ýurdumyz Hytaý Halk Respublikasynyň jar edilen güni baýram ediler. Şu mynasybetli paýtagtymyzdaky «Ýyldyz» myhmanhanasynda Hytaýyň Türkmenistandaky ilçihanasy tarapyndan guralan dabaraly kabul edişlige gatnaşyp, bir hakykata ýene bir ýola aýdyň göz ýetirdik: biziň ýurtlarymyz hakyky dostlar hökmünde birek-biregiň üstünligine tüýs ýürekden guwanyp, ikitaraplaýyn gatnaşyklaryny açyklyk we özara bähbitlilik ýörelgeleri esasynda has-da rowaçlandyrmaga çalyşýarlar.***

Adatça, resmi kabul edişlikler ony guraýan tarapyň ýokary wezipeli wekillerini gutlamakdan başlanýar. Bu çäräniň başynda-da myhmanlar Hytaý Halk Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Szi Şumini hem-de onuň maşgalasyny baýramçylyk bilen tüýs ýürekden gutladylar. Şolaryň arasynda daşary döwletleriň we halkara guramalaryň ýurdumyzda işleýän diplomatik wekilhanalarynyň ýolbaşçylarydyr işgärleri, türkmen tarapyndan resmi adamlar, işewürlerdir žurnalistler, şol sanda hytaý halkyna hem medeniýetine aýratyn gyzyklanma bildirýän raýat jemgyýetiniň wekilleri bar. Hytaýly dostlarymyzyň şatlygyny paýlaşmaga gelen myhmanlar mähirli garşylananyndan soňra, dabaraly çäräniň resmi bölegine badalga berildi. Bu ýerde HHR-iň Türkmenistandaky doly ygtyýarly wekili we Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow gutlag sözleri bilen çykyş etdiler.

Mälim bolşy ýaly, 1949-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda Pekiniň Týananmen meýdanynda Başlyk Mao Szedun tarapyndan Hytaý Halk Respublikasynyň döredilýändigi jar edildi we bu waka gülläp ösýän, kuwwatly döwleti berkarar etmegiň ýolunda möhüm taryhy tapgyryň başlanýandygyny alamatlandyrdy. Şondan bäri geçen döwrüň dowamynda Hytaý garaşsyz, özbaşdak, parahatçylykly içeri we daşary syýasaty alyp baryp, ählumumy syýasy-ykdysady ösüşe täsirini ýetirýän döwlete öwrüldi. Hytaýyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Szi Şumin täze taryhy döwürde Si Szinpiniň başda durmagynda Hytaýyň Kommunistik partiýasy tarapyndan partiýa we döwlet işinde uly üstünlikleriň gazanylandygyny, düýpli özgertmeleriň amala aşyrylandygyny belledi. Şunda ilçi hemmetaraplaýyn gülläp ösýän jemgyýetiň gurlandygyny, agrar ýurt bolan Hytaýyň ykdysadyýeti boýunça dünýäde ikinji orna çykandygyny, önümçilik we harytlaryň söwdasy babatda-da kuwwatly döwlete öwrülendigini aýratyn nygtady. Onuň sözlerine görä, ýurduň esaslandyrylan döwri bilen deňeşdirilende, hytaý ykdysadyýetiniň möçberi, takmynan, 234 esse ýokarlandy we ortaça ýyllyk ösüş depgini 7,9 göterime deň boldy. Ylymdyr tehnikada, saglygy goraýyşda, bilimde, ilatyň durmuş üpjünçiliginde, innowasiýalarda, awiasiýada, kosmosy özleşdirmekde, ýokary tizlikli otlulary döretmekde, maşyn gurluşygynda, energiýanyň arassa görnüşlerini öndürmekde, kwant aragatnaşygynda, emeli aň, robototehnika ýaly ugurlarda-da ägirt uly sepgitlere ýetildi.

— Hormatly Prezident Serdar Berdimuhamedowyň, türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly, öňdengörüjilikli syýasaty esasynda Türkmenistan hem döwlet gurluşynda, durmuş-ykdysady ösüşde ajaýyp üstünlikleri gazanyp, sebitde we halkara derejede parahatçylygy üpjün etmäge mynasyp goşant goşýar. Gowy dost, strategik hyzmatdaş hökmünde biz türkmen halkynyň üstünliklerine tüýs ýürekden begenýäris — diýip, ilçi çykyşynda Magtymguly Pyragynyň: «Köňüller, ýürekler, bir bolup başlar,//Tartsa ýygyn erär topraklar, daşlar...» diýen setirlerine ýüzlendi we özara bähbitli netijeleri, umumy ösüşi diňe raýdaşlyk hem hyzmatdaşlyk arkaly gazanyp boljakdygyny aýtdy.

Ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçysy, öz gezeginde, Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan hytaý halkyny dostlukly döwletiň baş baýramy bilen gutlap, Türkmenistanyň we Hytaýyň gatnaşyklarynyň taryhynyň müňýyllyklara uzaýandygyna ünsi çekdi. «Barыp biziň eýýamymyzdan öňki 49-njy ýylda türkmen hem-de hytaý halklary «Kasam şertnamasy» diýlip atlandyrylan şertnama gol çekipdirler. Bu gün biz iki ýurduň arasyndaky hemmetaraplaýyn strategik hyzmatdaşlyk barada gürrüň edýäris. Bu diňe bir syýasy görkeziji däl, eýsem, häzirki zaman gatnaşyklarymyzyň düýp mazmunydyr» diýip, R.Meredow belledi we bilelikde amala aşyrylýan taslamalar, çig mala bagly däl pudaklarda, medeni-ynsanperwer ulgamda ýetilen sepgitler barada durup geçdi.

Çykyşlar tamamlanandan soňra, myhmanlara hytaý aşhanasynyň tagamlary hödür edildi. Çärä gatnaşyjylar açyklyk, dostluk ruhunda birek-birek bilen pikir alşyp, ýörite taýýarlanan sergä syn etmäge, hytaýlylaryň milli lybaslaryny geýip görüp, ýadygärlik fotosuratlara düşmäge mümkinçilik aldylar. Serginiň ekspozisiýalarynda dürli kitaplara, farfor önümlerine, Hytaýyň taryhy ösüş tapgyrlaryny, türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň esasy wakalaryny şöhlelendirýän suratlara orun berilse, myhmanhananyň daşynda meşhur hytaý önüm öndürijileriniň döwrebap awtomobilleri hatara goýlupdyr. Umuman, Asman astyndaky ýurduň baş baýramy mynasybetli guralan bu çäre diňe bir hytaýly dostlarymyzyň toý şatlygyny paýlaşmak däl, eýsem, hakyky ynanyşmak ruhunda ösdürilýän türkmen-hytaý gatnaşyklarynyň geljekki mümkinçiliklerine nazar aýlamak üçin hem amatly mümkinçilik boldy.

***Aýgül RAHYMOWA.***
***«Türkmenistan».***

MASLAHAT

# ÄHLUMUMY PARAHATÇYLYGYŇ ÝOLUNDA

***Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň golaýda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherine iş saparyny amala aşyrmagy we onuň barşynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň ýokary derejeli plenar mejlisiniň ilkinji gününde çykyş etmegi Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy giňden dabaralandyrylýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň taryhy wakalarynyň biri boldy. Döwlet Baştutanymyzyň Milletler Bileleşiginiň belent münberinden Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlaryny, dünýäniň abadançylygyna, ählumumy parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegine gönükdirilen teklipdir başlangyçlaryny beýan etmegi halkymyzyň eziz Watanymyza söýgüsini, Ýer ýüzünde deňli-derejeli, belent abraý-mertebeli berkarar döwletimize bolan buýsanjyny has-da artdyrdy. Şunuň bilen baglylykda, şu günler ýurdumyzyň ähli ulgamlarynda hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasyndaky çuň many-mazmunly çykyşynyň ähmiýetine, bu abraýly halkara guramanyň nobatdaky sessiýasynda Bitarap Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlaryny, türkmen döwletiniň bütin adamzadyň bähbitlerini nazarlaýan teklipdir başlangyçlaryny wagyz etmäge bagyşlanan maslahatlara giň gerim berildi. Düýn Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilen maslahat hem şolaryň ilkinjileriniň biri boldy.***



Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň mejlisler zalynda geçirilen maslahat ýurdumyzyň ylym-bilim, saglygy goraýyş, sport, ýaşlar we jemgyýetçilik guramalary ulgamy tarapyndan guraldy. Oňa gatnaşyjylar ilki uniwersitetiň eýwanynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň jöwher zehininden dörän kitaplarynyň, ýokary okuw mekdebiniň professor-mugallymlarynyň ýazan okuw gollanmalarynyň, monografiýalaryň, amaly-haşam sungatynyň eserleriniň, şeýle hem talyplaryň halkara we döwlet derejesinde geçirilen ylym-bilim, taslama-döredijilik bäsleşiklerinde, sport ýaryşlarynda gazanan üstünlikleriniň sergisi bilen tanyşdylar. Bu ýerde uniwersitetiň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň dutarçylar toparynyň ýerine ýetiren aýdymlary çärä özbolușly öwüşgin berdi.

«Bitarap Türkmenistanyň halkara başlangyçlary — dünýäde ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň baş ýörelgesi» atly maslahatda bitarap döwlet hökmünde parahatçylygy, durnuklylygy we halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen daşary syýasaty durmuşa geçirýän ýurdumyzyň tutuş adamzat ähmiýetli işleri, tagallalary baradaky çykyşlara giň orun berildi. Çykyş edenler Gahryman Arkadagymyzyň beýik işlerini mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda täze taryhy döwürde ýurdumyzyň dünýä döwletleri, şeýle-de abraýly halkara guramalar bilen dostlukly gatnaşyklaryny, parahatçylyk söýüjiligе, ynanyşmaga, birek-birege hormat goýmaga, özara bähbitlilige, deňhukuklylyga esaslanýan netijeli hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýändigini aýratyn nygtadylar. Şu ýylyň awgust aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty hem-de hormatly Prezidentimiziň Milletler Bileleşiginiň nobatdaky ýubileý sessiýasynyň badalga alýan günlerindäki ýokary derejeli çärelere gatnaşmak üçin ýakynda ABŞ-nyň Nýu-Ýork şäherine üstünlikli amala aşyran iş sapary munuň aýdyň mysallary hökmünde görkezildi.

Maslahatda bellenilişi ýaly, Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi BMG tarapyndan üç gezek ykrar edilen döwlet hökmünde dünýäde parahatçylygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegine mynasyp goşant goşýar. Ýurdumyzyň ählumumy howpsuzlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen tagallalary onuň halkara giňişlikdäki başlangyçlarynda öz beýanyny tapýar. Dünýä jemgyýetçiligi Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň Ýer ýüzünde parahatçylygyň we howpsuzlygyň berkidilmegi, tutuş adamzadyň bähbidine durnukly ösüşiň, abadan ýaşaýşyň yzygiderli üpjün edilmegi ugrunda taýsyz tagallalar edýändigine, bu ugurda işjeň halkara başlangyçlar bilen çykyş edýändigine BMG-niň Baş Assambleýasynyň nobatdaky ýubileý sessiýasynyň açylmagy mynasybetli geçirilen ýokary derejeli hepdeliginde ýene bir ýola aýdyň göz ýetirdi. Şunuň bilen baglylykda, maslahatda hormatly Prezidentimiziň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji ýubileý sessiýasynyň ýokary derejeli plenar mejlisindäki çykyşynyň, onda öňe süren başlangyçlarynyň halkara giňişlikde uly seslenme, gyzgyn goldaw tapmagy mynasybetli gutlaglar beýan edildi.

Döwlet Baştutanymyzyň çuň many-mazmunly çykyşynda beýan eden, tutuş adamzadyň öňünde duran meseleleri çözmäge gönükdirilen teklipdir başlangyçlarynyň dünýäde parahatçylygy, ählumumy howpsuzlygy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmegi nazarlaýan tutumly işlere uly itergi berjekdigini, Milletler Bileleşiginiň strategik wezipeleriniň, hususan-da, Durnukly ösüş maksatlarynyň netijeli ýerine ýetirilmegine möhüm goşant boljakdygyny maslahata gatnaşyjylar buýsanç bilen bellediler. Olaryň hatarynda medeni-ynsanperwer ugurlar, şol sanda ylym-bilim ulgamy bilen dahylly başlangyçlar hem bar. Maslahatda nygtalyşy ýaly, ynsanperwer hyzmatdaşlyk BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynda Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlarynyň aýratyn ugrudyr. Türkmenistan ynsanperwer hyzmatdaşlyga halklaryň arasynda ynanyşmagyň we özara düşünişmegiň möhüm ugry hökmünde garaýar. Maslahatda Türkmenistanyň BMG-niň nobatdaky sessiýasynda Aşgabatda ýaş parahatçylyk gurujylary taýýarlajak sebitleýin platformany döretmek başlangyjyny hem öňe sürýändigi, bu merkeziň diplomatiýa, parahatçylyk gurujylyk hem-de dürli milletleriň arasynda düşünişmek medeniýetini ilerletmek ulgamynda ýaş hünärmenleriň taýýarlanylmagyny ugur edinýän halkara bilim we dialog meýdançasyna öwrüljekdigi barada-da aýdyldy.

— Hormatly Prezidentimiziň taryhy saparyna ýurdumyzyň bilim ulgamynyň wekili hökmünde gatnaşmak bagty nesip etdi. Muny ýaş nesillere döwrebap bilim-terbiýe bermek wezipesine döwletimiz tarapyndan örän uly üns berilýändiginiň ýene bir aýdyň güwäsi hasaplap, Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyş aýdýaryn. BMG-niň Baş Assambleýasynyň nobatdaky sessiýasynyň ýokary derejeli hepdeliginiň çäklerinde Durnukly ösüş maksatlary boýunça geçirilen çärelere gatnaşdyk. Hususan-da, «Durnukly ösüş maksatlarynyň pursady» («SDG Moment») atly çärä gatnaşmagymyzyň uly tejribe bolandygyny aýtmak isleýärin. 2030-njy ýyla çenli öňde goýlan Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmekde Türkmenistanyň nusga alarlyk işlerine dünýä döwletleri uly gyzyklanma bilen seredýärler.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynda Türkmenistanyň ileri tutýan garaýyşlary bilim işgärleriniň öňünde hem täze wajyp wezipeleri goýýar. Hormatly Prezidentimiziň öňe süren halkara başlangyçlaryny durmuşa geçirmek bilen baglylykda, ýaşlaryň çözgütleri kabul etmäge ugrukdyrylmagyna hem-de olaryň parahatçylyk döredijilikli başlangyçlara işjeň çekilmegine aýratyn üns berilmegini zerur hasaplaýarys. Esasan-da, mekdep okuwçylarynyň we talyplaryň arasynda parahatçylygyň, howpsuz ýaşaýşyň gymmatyny düşündirmek, wagyz-ündew etmek, bu babatda ata-babalarymyzyň asylly ýörelgelerini içgin öwretmek möhüm ähmiýete eýedir. Şunda, ilki bilen, Gahryman Arkadagymyzyň eserlerinde parahatçylyk, ynsanperwerlik barada beýan edilen çuňňur filosofik garaýyşlary ýaşlara öwretmek, ylmy-tejribe taýdan wagyz etmek biziň baş wezipämizdir.

Milletler Bileleşiginiň belent münberinde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňe süren Sanly integrasiýa boýunça bütindünýä platformasyny döretmek baradaky başlangyjy hem bilim ulgamynyň öňünde möhüm wezipeleri goýýar. Bilim ulgamyna sanly tehnologiýalaryň hem-de platformalaryň barha giňden ornaşdyrylmagy olary parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň zyýanyna ulanmazlyga borçlandyrýar — diýip, Türkmenistanyň bilim ministri Jumamyrat Gurbangeldiýew maslahatda eden çykyşynda aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz 19-njy sentýabrda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisindäki çykyşynda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin adamzadyň gymmatlygydygyny aýtdy. Maslahatda Milli Liderimiziň şol sözlerine, dürdäne eserlerindäki parahatçylyk, ynsanperwerlik bilen bagly gymmatly pikir-garaýyşlaryna aýratyn üns çekilip, Bitaraplygyň parahatçylygy we hyzmatdaşlygy ündeýän, halklary dost-doganlyga hem-de agzybirlige çagyrýan taglymatdygy nygtaldy.

Dabaraly maslahat uniwersitetiň «Bagtyýarlyk owazlary» medeni merkeziniň aýdymçylarynyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny, hormatly Prezidentimiziň, Milli Liderimiziň beýik işlerini wasp edýän aýdymlary bilen utgaşykly dowam etdi. Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler.

***Çaryýar EMIROW,***
***Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň uly mugallymy.***

# ÖZ ELIŇ, ÖZ ÝAKAŇ

## (Esse)

## Söz — sapak

Gör, haçanky eýýamlarda, haýsy zamanalarda aýdylanam bolsa, şu güne çenli ýeten bu sözler ytygsamanlar, gadyryna gadyr, gymmatyna gymmat goşulyp gelen sözlerdir. Dogrusy, sözüň söz şekilliligi ilki bilen onuň aýdylýan ýerine, wagtyna bagly. Heniz biziňkileriň «Ýerini bilip sözleseň, ýüzüň nury dökülmez» diýmesi bardyr. Eýsem näme? Şonsuz söz söz däl, sözleýänem hälki bir telpegiňi gapdalynda goýup gaýdybermeliň biri bolýar galyberýär. Bu halk onuň ýalysyna ýaňra diýýär. Üç asyra golaýrak mundan öň, şahyryna «Az iýgil, az ýatgyl, sözüň az etgil» diýdiren zat nämedir öýdýäňiz? Elbetde, millilik, türkmen mentaliteti, has halkylaşdyranyňda, türkmensorraýlyk. Sözi eşrepi ýaly tutýan halk özüniňkini tanajak bolanda, öňünden pylan zat diýmän, «Gepledíň, kimligini özünden gowy aýtjak bolmaz» diýipdir. Diýse-diýmese şeýle. Taryhçalap, syýasatşynaslygyň dili bilen aýdanyňda, ol biziň eýýamymyzdan öňki döwürde-de, häzirki eýýamda-da şeýle. «Özüň hakda özüňden gowy aýtjak barmy?». «Ýalňyşan-ýazan ýerini busurdym-ýasyrdym edip, ýuwup-ýylmap ýöreni nätjek?» diýýänsiňiz. Akyldarynyň «Dile gelen sözler köňül nagşydyr» diýen setirlerini pähim-paýhas, akyl, nakyl hasaplaýan il-gün seniň köňül gözgüsinden alysdaky, dilujy sözleriňe sogan dograjakmy? Magtymgulyçalap «Köňülde ýok zady dile getirme» diýseler, oturarsyň-da hulk bolup, owurdyňa suw alan ýaly.

Alla janlarym, Garajaoglanyň dördünjidemi ýa bäşinjide, halk döredijiliginden Çyn bilen Ýalanyň arasynyň dört barmakdygy hakda okany şu günki ýaly ýadynda. Bolýan zada seretsene! Ol Ýalandyr Çynyň arasynyň nädipler dört barmak bolşuna hiç düşünmedi. Çagalyk döwri diýilýän o döwürler ene-atadyr mugallymlar hemme zady bilýändir, ähli zadyň hötdesinden gelýändir öýdülýän döwür eken. Ertesi Gün dogaryna howlukdy. Edebiýatdan okadýan Rahym mugallym şeýle düşnüksiz zatlaryň açarydy. Çyn bilen Ýalanyň arasy hakdaky düşnüksizligem ilik-düwme edip biljek şoldy, ýöne näçe howluksa-da, «Oglan howlugar, tudana wagtynda bişer» bolýar. Daň atmaly wagtynda atdy, Gün hemişekisi ýaly, dogmaly wagtynda dogdy. Garajaoglan mekdebe ugrady, ýöne näçeler garaşdyrsa-da, Rahym mugallym edebiýat sapagyna gelmeli wagty geldi. Munuň ýaly-da kakasy Garajaoglana: «Sabyr Rahmandan, äwmek şeýtandan» diýerdi. Şol gezegem şeýle boldy. Diýse-de diýdi, ýöne olaryň kimdigini soranda weli, oglunyň sowalyny küfür, hatda samsyklajrak gördümi-nämemi, «Häý, oglan başyňa döneýin» diýip käýinjiredi, ýöne düşündirdi. Gowy ýeri, Garajaoglan ol sözleriň şerhine soň-soňlar düşünip ýörmeli bolmady. Ynha, Rahym mugallymyň öňünde elini galdyryp oturmasy soň-soňlar bilinmeli zatlaryň köpelip barmazlygyna-da gowudy. Mugallym okuwçysyndaky galagoplugy aňdymy-nämemi, ýüzüne dikanlady:

— Garajaoglan, (mugallym bulary heniz oglantagrak görýändigi üçin bolsa gerek, familiýalaşyp durman, hersiniň adyny tutardy) eliňi galdyrsaňam, senden entek-entek sapak soralmasa gerek.

— Mugallym, men başga zat hakda...

— Nämedir o başga zat?

— Çyn bilen Ýalanyň arasynyň dört barmaklygy hakda okadym weli, düşünmedim-le...

Rahym mugallym okuwçysynyň özünden uly sowalyna geň galdymy-nämemi, ilk-ä heziller edinip güldi, gülkiň arasynda-da: «Wah-wah, seniň düşünmeýän o sowalyň uly bolanyňda-da kelläňi agyrtman duranok» diýdi-de, sag gulagydyr gözüniň arasyna dört barmagyny eltdi. Muňa sowal bereniňem, beýleki okuwçylaryňam düşünmändigini aňan mugallym çep elini sag eliniň barmaklaryna tarap uzatdy.

— Näçe?

Okuwçylar:

— Dört-de-dört — boluşdylar, ýöne ýene düşünmediler. Edebiýat mugallymy çynlakaýlamasa hezil bermejegini bildi.

— Gulakdyr göz arasynyň ölçegi dört barmak boldumy?

— Boldy-y.

— Gulak eşidýä gerek?

— Eşidýä-ä...

— Gözem görýä dälmi?

— Görýä-ä, görýä-ä...

— Ýeri, siz onda bulaň haýsysyny has ynam görýäňiz?

— Gulaga-da ynanýas, ýöne wagtal-wagtal onuň eşidýänleriniň ýalan çykmasy-da bar. Gowusy, gözüň bilen görüp ynanmak ýagşy. Göz göreni çyn bolýar.

Rahym mugallym okuwçylarynyň Garajaoglanyň sowalyna berlen jogaba düşünendiklerini aňyp, kesgitli gürledi:

— Şahyryň «Dile gelen sözler köňül nagşydyr» diýýäni, megerem, ýaňky ýaly ahwallar bilenem baglydyr. Söz mekdepdir, durmuş uniwersitetidir.

## 34-nji ýyl

Biziňkileriň wagt diýip goýberýän hasaby welin, millionlap, milliardlap ýyllar bilen ölçegli zamanalaryň, eýýamlaryň, döwürleriň ýanynda otuz dört ýyl diýeniň deňze talhan çalan ýaly bir zat. Otuz dört ýyly adam ömri bilen hasaplasaň, orta ýaş berseňem bolsa bolar durar. Hawa, onça ýyl südür baryny gören goja taryhyň ýanynda balaja görünse-de, bitirilen, amal edilen işlere seredeniňde, iňňän agramlyjadyr.

Garajaoglany gürletseň-ä, otuz dört ýyl diýmek, täze nesil ýetişdi, özem kämillige dalaş edip ýörenlerden diýildigi eken. Bu agza, söze bat bermek ýaly eşidilse-de, beýle däldir, Çynyň, Hakykatyň saýasyndaky sözlerdir. Ol bar, bolan, bolýan zat hakda bar, zerre ýaly-da bolaýsyn, ulaltman ýa kiçeltmän, çypbakaý Çyna öwrülip giden Hakykaty kemeltmän, ynjytman, gaýta göwnüni görüp, ibalaşmakdyr. Aslynda, Garajaoglany, baryp-ha, mekdep ýyllarynda okadan Rahym mugallymyň Çyn bilen Ýalanyň arasyndaky kesgitliden düşnükli gürrüňi obada her kesiň maňzyna batan bolarly.

— Mugallym diýeniň şeýlerägem bolsun-la — diýenler kän eken. Goňşusy:

— Biziň Garajaoglanymyz-da şoň elinden çykan, Aşgabat ýaly ýere gidip işläp ýören bolmaly, gara beräýmeli ýaly negada bir..... — diýdi.

— Pälwan aga, «Düýe semremek üçin ýitýä» diýýän-ä özüňiz. Ileri çykylsa, ilki maňlaý direlýän ýer şolar. Hamyna sygmaz bolandyr-a diýip biljek däl, şol hortap, kakçekge Garajaoglanyň bar. Ýazýan zatlary weli, ýaglyja, ýüregiňi tutansoň, aňryňa il gonan ýaly bolýaň.

— Beh, ol-aýt, Seýit diýýän-ä, oň bärdekä-de çendan bir şeýdäýmesi bardy.

Seýit mugallym oturyp bilmedi:

— «Ýagyş ýagan gijesi», «Sahawat daragty», «Kimdir seni belent kylan?», «29-njy ýyl» ýaly ýazgylary ýazgy dagy däl, öz eliň, öz ýakaňlyk hakda.

— Şu ýetip gelen otuz dört ýyllyk emin-erkinlik hakda bolýa-da o?!

Seýit özüne düşünilenine aty çykan ýaly boldy:

— Öz eliň, öz ýakaňlygyň bahasyz zatlygy hemmä belli. Öňler şäher diýilýän ýer ýuwaş-ýuwaşdan gurulýandyr öýderdik. Köpetdagyň etegine ýaraşyk berip oturan Arkadag şäheri weli, bary-ýogy üç ýyla ýetip-ýetmezde salyndy. Ýaşlygyň, ýaşlaryň şäheri bolup giden şäheriň «akylly» şäherdigi hakda Garajaoglanyň «Arkadag — şahujahan» atly ýazgysyny, Pälwan aga, özüm-ä gowy gördüm. Ileriň başy belent dag, gaýraň seläňläp oturan sähralar, ikarada-da, ynha, ýurda ýurt eken-ow diýdirip, ýaşaberesiň gelýän künjek eken.

Ýylaşadan, ikaşadan diýen ýaly gurlup ýetişip, il-günüň oturymlaşyp gidýän obalarydyr şäherçeler «Hernä, şeýle bolawersin!» diýilýän boldy. Olar baharyň ýaraşygy gyr kömelegi deý, türkmen düzüniň «Her kime ýetirsin!» diýlip, ýüze sylynýan ap-aklygyna öwrülip ýör. Eýsem näme? Ak zat alnyňa ýagşy ahyry! Onsoňam, öz eliň, öz ýakaň ýaly zat ýok. Hezillik!

*Gurbanmämmet ÝEGENMYRADOW.*
*«Türkmenistan».*

TEATR

# HALKARA FESTIWALDAN BAÝRAKLAR BILEN

***21 — 26-njy sentýabr aralygynda Gazagystanyň Aktau şäherinde TÜRKSOÝ-na agza ýurtlaryň III halkara teatr festiwaly geçirildi. Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan yglan edilen bu festiwala ýurdumyzyň teatr artistleri hem işjeň gatnaşyp, üstünlikli çykyş etdiler.***

Halkara festiwala ýurdumyzdan Balkan welaýatynyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky döwlet drama teatrynyň döredijilik topary gatnaşdy. Festiwalyň çäklerinde türkmenistanly teatr artistleri Ç.Işangulyýewiň hem-de A.Berdiýewiň pýesasy esasynda Ö.Galandarowyň sahnalaşdyran «Baýram han Türkmen» atly drama eserini görkezdiler. Bu sahna oýnunda XVI asyrda Hindistanda Babyr soltan tarapyndan esaslandyrylan Mogollar şadöwletinde «Hanlar hany» hormatly döwlet derejesine eýe bolan Baýram hanyň başdan geçiren wakalary, gahrymançylygy ussat serkerdäniň öz şygyrlarynda beýan eden maglumatlarynyň esasynda janlandyryldy.




Baýram hanyň ýaş nesillere bagyşlap döreden, watanperwerligi ündeýän şygyrlaryny teatr muşdaklary ör turup, dowamly el çarpyşmalar bilen garşyladylar. Netijede, Balkan welaýatynyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky döwlet drama teatrynyň döredijilik topary halkara festiwalyň ýokary baýragyna — «Sahna oýnunda milli medeniýetiň gowy dabaralandyrandygy üçin» atly baýraga, festiwalyň Kubogyna hem-de TÜRKSOÝ-nyň Hormat hatyna mynasyp boldy. Şeýle-de festiwalyň eminler toparynyň düzüminde bolan Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň teatrlar we tomaşa edaralary bölüminiň başlygy Agamyrat Baltaýew TÜRKSOÝ-nyň Hormat haty bilen sylaglandy.

Halkara festiwala Azerbaýjan Respublikasynyň Şeki welaýatynyň döwlet teatry «Dar agajy», Wengriýanyň Bekeşçaba şäher döwlet drama teatry «Segsen bedre howa», Gazagystanyň Mangistau oblastynyň H.Žanturin adyndaky sazly drama teatry «Görogly», Gyrgyz Respublikasynyň T.Abdymamunow adyndaky baş akademiki drama teatry «Soňky hat», Türkiýe Respublikasynyň Bursa döwlet drama teatry «Rawy we Jellat», Özbegistanyň milli akademiki sazly drama teatry «Abyl we Kabyl» atly sahna oýunlary bilen gatnaşdylar.

Festiwalyň çäginde ussatlyk sapaklarydyr maslahatlar hem geçirildi. Olar türki halklaryň teatr sungatynda gazanan üstünliklerini birek-birege ýakyndan tanyşdyrmagynda, artistleriň, režissýorlaryň özara tejribe alyşmagynda, dost-doganlyk gatnaşyklaryny has-da berkitmekde netijeli häsiýete eýe boldy. Teatr egin-eşikleriniň, dekoratiw-bezeg gymmatlyklarynyň, milli saz gurallarynyň, şeýle hem amaly-haşam sungatynyň dürli ugurlaryna degişli eserleriň sergilerine-de giň orun berildi. Bu çärelere türki döwletleriň medeniýet we sungat işgärlerinden başga-da Täjigistanyň, Gagauziýanyň hem belli režissýorlary, dramaturglary, teatr sungatyny öwreniji alymlary gatnaşdylar.

Ýurdumyzyň medeniýet we sungat işgärleri festiwalyň çäklerinde Hazar deňziniň gazak kenarynda ýerleşýän Aktau şäheriniň gözel ýerlerine syýahat etdiler. Şäheriň gözellikleri sungat ussatlarynyň döredijilik ylhamyny has-da joşdurdy. Bilşimiz ýaly, TÜRKSOÝ tarapyndan Aktau şäheri 2025-nji ýylda «Türki dünýäniň medeni paýtagty» diýlip yglan edildi.




Ýeri gelende, häzirki döwürde Türkmenistan bilen Türki medeniýetiň halkara guramasynyň — TÜRKSOÝ-nyň arasynda medeni hyzmatdaşlygyň has-da pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berilýändigini aýratyn bellemek gerek. Bu gurama tarapyndan degişli ýurtlarda geçirilýän halkara çäreler türki halklaryň arasynda ýola goýlan dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge uly ýardam berýär.

Halkara teatr festiwalynyň ýokary baýragyna mynasyp bolan balkanly teatr artistleri dostlukly döwletleriň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen bu döredijilik çäresiniň köňülleri birleşdirýändigini, birek-birekden sungatyň inçe syrlaryny içgin öwrenmäge, tejribe alyşmaga ýardam edýändigini nygtap, özlerine şeýle giň mümkinçilikleri döredýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyş aýdýarlar.

*(Ýörite habarçymyz).*

SPORT




# Badmintonda gazanylan taryhy netije

***Sport ýurduna öwrülen eziz Watanymyzda Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde döwrebap sport mekdepleri ulanyşa berlip, ýaş nesillerimiziň sport bilen meşgullanyp, halkara ýaryşlarda netijeli çykyş etmeklerine giň mümkinçilik döredilýär. Ýakynda Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinden gelen hoş habar hem ýurdumyzda sportuň dürli görnüşlerine berilýän goldawyň özboluşly buşlukçysy boldy.***

15 — 22-nji sentýabr aralygynda Daşkent şäherinde geçirilen badminton boýunça Merkezi Aziýanyň sebitleýin çempionatynda çykyş eden türkmen türgenleri ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek hormat münberine çykmagy başardylar. Ýedi döwlete (Türkmenistan, Eýran, Özbegistan, Gyrgyz Respublikasy, Täjigistan, Mongoliýa, Gazagystan) wekilçilik eden türgenleriň 97-sini özünde jemlän halkara ýaryşdaky bäsleşikler ýaş derejeleriniň üçüsi boýunça (U15, U17, U23) geçirildi. Abraýly ýaryşda oglanlaryň arasynda Mergenguly Nurmyradow, Billal Saryýew, Annaberdi Orazdurdyýew, Döwran Hojaberdiýew, Ybraýym Babaýew, Şamuhammet Şaberdiýew, gyzlaryň arasynda bolsa Akjemal Kakanowa, Gülşen Amanowa, Elnara Ataýewa, Bahar Jumaniýazowa, Ewelina Ýefremowa, Anastasiýa Kulikowa dagy ýurdumyzyň adyndan çykyş etdiler.

Türkmenistanyň Badminton federasiýasynyň tejribeli tälimçileriniň ýolbaşçylygynda geçirilen türgenleşikler halkara ýaryşda türgenlerimiziň ýokary netije gazanmagyna ýardam etdi. Ilkinji üstünligi 15 ýaşa çenli türgenleriň arasynda çykyş eden Anastasiýa Kulikowa bilen Ewelina Ýefremowa gazandylar. Jübütlikde çykyş etmekde 1/8 finalda Gyrgyz Respublikasyna wekilçilik eden türgenlerden üstün çykan ildeşlerimiz çärýek finalda Täjigistanyň ýygyndy toparyny ýeňlişe sezewar etdiler. Ýarym finalda bolsa bu ýaryşyň çempiony bolmagy başaran Eýranyň ýygyndy toparynyň wekillerinden ýeňildiler. Şeýlelikde, türgenlerimiz ýurdumyzyň taryhynda badminton boýunça halkara ýaryşdaky ilkinji medaly — bürünç medaly gazanmagy başardylar.

23 ýaşa çenli türgenleriň gatnaşmagynda garyşyk jübütlikde (oglan we gyz) geçirilen bäsleşikde bolsa Billal Saryýew bilen Gülşen Amanowa bürünç medala mynasyp boldular. Türgenlerimiz ilki Gyrgyz Respublikasynyň türgenlerinden üstün çykmagy başardylar. Ýarym finalda Gazagystanyň ýygyndy toparyndan ýeňlendiklerine garamazdan, ýaryşyň şertine laýyklykda bürünç medala mynasyp boldular.

Halkara ýaryşyň dowam edýän günlerinde Aziýanyň Badminton federasiýasy zenanlaryň gatnaşmagynda gender deňligi barada okuw maslahatyny geçirdi. Oňa ýurdumyzdan tälimçileriň ikisi gatnaşyp, tejribe toplamaga gowy mümkinçilik aldylar. Badminton federasiýasynyň hünärmeni Ýana Sarkisýanyň Merkezi Aziýanyň sebitleýin çempionatyna emin hökmünde gatnaşmagy ýurdumyzda sportuň bu görnüşini ösdürmäge uly ähmiýet berilýändigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Badminton federasiýasynyň çakylygy esasynda şu ýylyň noýabrynda Malaýziýanyň ussat tälimçiler düzüminiň ýurdumyzda saparda bolmagyna garaşylýar. Onuň çäklerinde okuw maslahaty geçirilip, ýurdumyzda ýaşlara tälim berýän tälimçilerimiziň 25-sine ýörite güwänamalar gowşurylar. Halkara Badminton federasiýasynyň agzasy bolan ýurdumyzyň Badminton federasiýasy 2026-njy ýylda geçiriljek halkara ýaryşlaryň hem birnäçesine gatnaşar.

*Orazgeldi GELDIÝEW,*
*sport synçysy.*

HEMMÄMIZIŇ BORJUMYZ

# Hüşgärlik hemişe gerek

***Durmuşymyzda awtoulaglaryň köpelmegi ýol hereketiniň kadalarynyň gyşarnyksyz ýerine ýetirilmegini, howpsuzlygyň üpjün edilmegini, bu işe gözegçiligi has-da güýçlendirmegi talap edýär. Sürüjiler diňe bir ýoluň ýagdaýyna däl, eýsem, beýleki herekete gatnaşýanlaryň özlerini alyp baryşlaryna hem üns bermelidirler. Olar resminamalaryň talabalaýyk, awtoulaglaryň hemişe gurat bolmagy, zerur enjamlar bilen doly üpjün edilmegi babatda borçludyrlar.***

Ulagy gowy dolandyrmak üçin sürüji ýoluň ýagdaýyna, beýleki ulag serişdelerine, pyýadalara, ýol belgilerine hem-de çyzgytlara ünsli bolmaly. Hereketiň ugruna we tizligine üns bermek-de sürüji üçin zerurdyr. Sürüjiniň eşidişi hem gowy bolmaly. Ol ulagy dolandyryjynyň görşüniň üstüni ýetirip, aralyklary, ugurlary, ugurdaş we garşylykly ugur bilen hereket edýän ulaglary sesi boýunça anyklamaga mümkinçilik berýär. Sürüji özüniň dolandyrýan awtoulagynyň ýagdaýyna, tizligine, hereketiň ugruna we olaryň üýtgeýşine, ilki bilen, görüş we eşidiş arkaly üns berýär.




Ussatlyk we tejribe sürüjiniň awtoulagy dürli ýagdaýlarda dolandyryp bilmegi netijesinde ýüze çykýar. Herekete beýleki gatnaşýanlaryň ýalňyşlyk goýbermek ýa-da hereketiň düzgünleriniň bozulmak ähtimallygyny-da ýatdan çykarmaly däl. Sürüjiniň synçylygy her bir ýagdaýy aýdyň duýup bilmegine şert döredýär.

Ýol hereketiniň howpsuzlygynyň üpjün edilmegi pyýadalara hem degişli. Olar ýanýodalardan ýöremeli. Ýoluň gatnawly bölegine çykyp, ulag serişdeleriniň hereketine päsgelçilik ýa-da howp döretmeli däl. Ýolagçylar awtoulaglara ýanýoda-ýolýaka tarapdan, üstesine-de ulag serişdesi doly saklanandan soň münmäge we düşmäge borçludyrlar. Eger-de awtoulaga münmek we düşmek ýanýoda ýa-da ýolýaka tarapdan mümkin bolmasa, onda howpsuz ýagdaýda, beýleki herekete gatnaşyjylara päsgelçilik döretmezden, ýoluň gatnaw bölegi tarapyndan münmäge we düşmäge rugsat edilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň sürüji harby gullukçylary «Ýol hereketiniň howpsuzlygy — ömrümiziň rahatlygy» atly biraýlyk boýunça yzygiderli wagyz-nesihat duşuşyklaryny geçirýärler. Ýol hereketiniň kadalarynyň bozulmagy netijesinde ýol-ulag hadysalary ýüze çykýar. Şonuň üçin herekete gatnaşyjylaryň her biri şeýle hadysalaryň ýüze çykmagynyň öňüni almalydyr.

Täze ýaşaýyş jaýlarynyň, ýollaryň, köprüleriň gurulýan ýerlerinde ýol hereketiniň kadalaryna laýyklykda belgiler we beýleki üýtgetmeler girizilýär. Şonuň bilen baglylykda, sürüjilerimizi we beýleki herekete gatnaşyjylary ýol hereketiniň kadalaryny doly we dogry berjaý etmäge çagyrýarys.

*Geldimyrat ILAKOW.*
*Gökdepe garnizonynyň Harby awtomobil gözegçiliginiň bölüm müdiri.*

## JEMGYÝETÇILIK KABUL EDIŞLIGI

4-nji oktýabrda Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Baş prokuraturasynyň, Ýokary kazyýetiniň işgärleriniň we Aşgabat şäher adwokatlar kollegiýasynyň agzalarynyň gatnaşmaklarynda hukuk meseleleri boýunça raýatlaryň jemgyýetçilik kabul edişligi geçirilýär.

**Kabul edişlik Aşgabat şäheriniň Arçabil şaýolunyň 150-nji jaýynda — Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň binasynda sagat 9:00-dan 12:00-a çenli geçirilýär.**
**Telefon belgileri: 39-19-20, 39-19-21.**

TÜRKMENISTAN
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti
Gazet 1920-nji ýylyň 29-njy iýulyndan bäri çykýar.

Baş redaktor Kakamyrat REJEBOW

REDAKSIÝANYŇ SALGYSY: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly, 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
TELEFON BELGILERI: kabulhana: 38-60-88, 39-96-99; baş redaktoryň orunbasary: 39-95-06; jogapkär kätip: 39-95-67; kätiplik: 39-95-68;
BÖLÜMLER: döwlet we jemgyýetçilik durmuşy: 39-95-96; kanunçylyk we halkara gatnaşyklar: 39-95-76; oba özgertmeleri, senagat we ekologiýa: 39-95-94; sanly ykdysadyýet we telekeçilik: 39-95-75; medeniýet, sungat, taryh we edebiýat: 39-95-73; ylym-bilim we ýaşlar durmuşy: 39-95-95; saglyk, sport, syýahatçylyk we tebigat: 39-95-71; mahabatlar we bildirişler: 39-95-69; hat-habarlar: 39-95-68. Faks belgisi: 75-18-35.
WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ: Ahalda: (+993137) 3-70-03; Balkanda: (+993222) 6-25-75; Daşoguzda: (+993322) 7-00-57; Lebapda: (+993422) 3-26-83; Maryda: (+993558) 6-62-48.
ELEKTRON SALGYSY: turkmenistan-gazeti@sanly.tm
**Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**
Redaksiýa gelen golýazmalar we fotosuratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. «Türkmenistan» gazetinden makalalar, eserler, fotosuratlar göçürilip çap edilende, gazete salgylanmak hökmandyr. Indeksi — 69460. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A-2, möçberi 2 ç.k. A-117206 Nusgasy 24000 sany.
**Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefon belgisi: 39-95-36.**

4 833001 500011

Bahasy 30 teňňe.

